***2025-nji ýylyň 24-nji dekabrynda Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Aşgabatdaky Merkezi binasynda media we maglumat sowatlylygy boýunça tälimçileriň okuw maslahatyny tamamlan wekiller bilen duşuşyk geçirildi.***



Oňa Türkmenistanyň Mejlisiniň, Bilim, Adalat ministrlikleriniň, Ýokary kazyýetiň, Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň, Döwlet habarlar agentliginiň, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň, Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň, Halkara habarlar merkeziniň, «Нейтральный Туркменистан», «Adalat» gazetleriniň wekilleri gatnaşdylar.

Duşuşygyň dowamynda media we maglumat sowatlylygy boýunça geçirilen tälimçileriň okuw maslahatynyň netijeleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Mälim bolşy ýaly, sanly tehnologiýalaryň mümkinçilikleriniň yzygiderli ösýän döwründe ýaş nesilleriň media we maglumat sowatlylygyny kämilleşdirmek esasy wezipeleriň biri bolup durýar. Şeýle duşuşyklaryň yzygiderli geçirilmegi bu babatda özara pikir alyşmakda we halkara

Все права защищены

hyzmatdaşlygyny berkitmekde möhüm ähmiýete eýedir.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены